# Gitdim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gitdim GITDIM



Garlawaç deý bahardy meň Watanym,

Ýel kibi bir ýerde gezmeýin gitdim.
Bir didedi ömürboýy matalym,
Arman, bakyşlaryn çözmeýin gitdim.
Gelenin bilsem-de köñlüm suwara,
Didämi şor suwa ezmeýin gitdim.
Özümi yşga we yşgy gubara,
Bir ömür, bu ömür dözmeýin gitdim.

Dünýäň çagyrşyna gaýtaryp jogap,
Ýykylyp ýöredim, ýüzmeýin gitdim.
Jübimde galan şol soñky teññe deý,
Üzüljek umydym üzmeýin gitdim.

Dünýäñ düwni ýetik, diýmen çözledim,
Soraga tor taşlap süzmeýin gitdim.
A men her bir zatdan yşgy gözledim,
Tapsam-da sapaga düzmeýin gitdim.

Gitdim özge dünýä (ýollara çapraz),
Köplügi güldürip ykbalym gülmän.
Dilinen kalplaryñ agysyn bilýän,
Gitsem ýeriñ bir bagryny dilmän.

Ahmet ARAZOW. Goşgular